# Tara degse Mylly aganyñ elleri…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Tara degse Mylly aganyñ elleri… Annaberdi AGABAÝEW

▶ TARA DEGSE MYLLY AGANYÑ ELLERI…

M.Täçmyradowa

Niçe asyr içre ady soragly,
Niçe nesil içre zady soragly, ~
Gowawjyna gysyp diýaryñ gumun
Ýatyr kert gaýada batyr Görogly.

Ýatyr kyrk ýigidi,
Sapar Kösesi,
Ýatyr at üstünden gapan käsesi,
Agaýunus ýatyr, ýatyr şol ýerde
Aşyk-magşuklaryñ süýji posasy.

Bir gaýada ýatyr süñki Gyratyñ,
Beýlekide Öwez begiñ syraty.
Gaýalaram golaý barsañ, gaýa däl, ~
Gaýa deýin barça ärleñ suraty…

Niçe asyr geçdi şolañ üstünden
Niçe nesil geçdi şolañ üstünden
Ýöne, ynha, gulak goý şu dutara, ~
Galkanlar galkynýar ýeriñ astyndan:

«Ol merdiñ ogludyr, mertdir pederi,
Jan alar, jan berer, gorar bu ýeri.»
…Ýene Göroglynyñ aty oýnaýar
Tara degse Mylly agañ elleri…

1965

▶ ÇALSANA BAGŞY

Dutar alyp çyksañ dünýä seýrana,
Dünýä ýüzi galar saña haýrana,
Aýdymlaryñ nuranadan nurana,
Magrupdan Maşryga dolsana, bagşy!

Sowgat edip watanymyñ özüne,
Çemen edip baky gülli ýazyna,
Köñüller soltany şirin sazyña,
Meniñem ýüregim salsana, bagşy!

Iñ şabram dutaryñ alsana, bagşy,
Şöhratly sazlardan çalsana, bagşy,
Taryplap watanyñ ýagty ertirin,
Ol şirwan perdäñe galsana, bagşy!

1969. Goşgular